Türkmen halky öý guşlaryny saklamaga aýratyn ähmiýet beripdir. «Ýedi hazynanyň» biri towuk diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Mälim bolşy ýaly, towuklar öý şertlerinde hem köpeldilýär. Her maşgala özüne ýeterlik towugy we beýleki guşlary idedýär. Çydamly agaçlary berkläp, dört diwar galdyrylyp, üstüni basyryp, agzyna hem gapy goýlup, ketek taýýarlanýar. Kähalatlarda ýerden gazyp, kiçeňräk ýerküme ýaly hem ketek gurulýar. Hojalykda saklanýan towuklaryň arasynda ene towuklary «kürk basyrmak» arkaly jüýje alynýar. Yzygiderli çişip, ene towuk adaty bolmadyk «kürk, kürk» edip ses çykarýar. Soňra ýumurtgalary basyp ýatýar. Ene towuk ir baharda kürk bolsa halanypdyr. Kürk towuk basyrylanda, käbir dessurlar berjaý edilipdir. Zenanlar öňlügine ýumurtgalary salyp. «Guk-guk, gukiýan, biri horaz galanlary mäkiýan!» diýen sanawajy aýdyp, towugyň ganatlarynyň aşagyna ýumurtgalary goýupdyrlar. Şeýlelikde, geljekki jüýjeleriň köpüsiniň mäkiýan bolmagyny isläpdirler. Towugyň ululygyna we howa şertlerine görä, ýedi, dokuz, on bir, umuman, ýumurtgalar täk sanda salnypdyr. Haýsy-da bolsa bir ýumurtga gazanyň garasy çalnypdyr. Şondan çykan jüýjäni ýetişdirip, sadaka bermek äht edilipdir. Gadymdan gelýän ynançlara görä, penşenbe we anna günleri jüýje çykartmak üçin kürk towuk basyrylmandyr. Üç hepde geçensoň, jüýjeler ýumurtgadan çykýar. Ene towuk jüýjelerini ganatynyň astynda saklap ulaldýar. Jüýjelerine ulurak iýmiti çüňki bilen çokup, ownuklap bermek towugyň tebigy häsiýetidir. Häzirki döwürde halkymyz öý guşlarynyň dürli görnüşlerini uly höwes bilen idedýär. Olara adaty towuk, hindi towugy, gaz, ördekleriň dürli görnüşleri, bedene, käkilik we başgalar degişlidir. Ýurdumyzda guşçulygy telekeçiligiň möhüm ugruna gönükdiren hojalyklaryň sany barha artýar we indi ençeme ýyldan bäri ýörite guşçulyga niýetlenen toplumlar, hojalyklar hereket edýär.

**Amanbike Nazarowa,**
**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen**
**oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024